**Mary welaýatynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem welaýatyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna**

Mary şäheriniň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2022-nji ýylyň 19-njy awgustynda Mary şäheriniň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminde sagat 10:00-dan 12:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:
Mary şäheriniň Ýaşlyk köçesiniň 5-nji jaýy.

Habarlaşmak üçin telefon belgiler:
(800522) 6-31-61, 6-36-98.